# Ýör gideli uzaklara

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Ýör gideli uzaklara ÝÖR GIDELI UZAKLARA



Sensiz başym duman duman,
Özge gyzdan göwnim sowan,
Sensiñ bu ömrime dowam,
Ýör gideli uzaklara.
Meni ýöne söýsen ýeter,
Gawanyp mendenem beter,
Çyn söygi çyn baka gider,
Yör gideli uzaklara.

Hiç kim bizi tapmaz ýaly,
Senli günüm batmaz yaly,
Ýörän ýolum ýitmez yaly,
Ýör gideli uzaklara.

Adyň doga gursagymda,
Seni söýýän pursadymda,
Göz ýaşlaryň gussasyndan,
Ýör gideli uzaklara!

Perman HALGYLYJOW. Goşgular